**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2024-nji ýylyň 27-nji noýabryndaky № 65-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 2-ýhbe "Ýokary hünär bilimi edaralarynyň hasabaty" ýyllyk döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 2-ýhbe forma boýunça hasabaty ýokary hünär bilimi edaralary okuw ýylynyň başyna oktýabryň 1-i ýagdaýyna görä düzýärler we oktýabr aýynyň 5-ne okuw mekdepleriň ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna we özünden ýokarda duryan edarasyna we haýsy pudaklaýyn dolandyryş edarasyna degişlidigine garamazdan Türkmenistanyň Bilim ministrligine tabşyrýarlar.

Ähli görkezijiler ýokary hünär bilimi edaralaryň okuw bölüminde, buhgalteriýasynda we işgärler bölüminde bar bolan ilkinji hasaba alyş resminamalarynyň maglumatlary boýunça doldurylýar.

## 1 BÖLÜM.
## 20___- nji ÝYLYŇ OKTÝABRYŇ 1-ine TALYPLARYŇ KURSLAR WE HÜNÄRLER BOÝUNÇA PAÝLANYLYŞY

"20__ nji ýylyň oktýabryň 1-ine talyplaryň kurslar we hünärler boýunça paýlanylyşy" diýen 1-nji bölüminde talyplaryň okuwa kabul edilişi, sany we goýberilişi barada maglumatlar berilýär. Hünärleriň atlary okuw jaýlary üçin tassyklanan gurluşa we "Ýokary bilimi boýunça hünärleriniň" döwlet klassifikatoryna doly laýykýyklykda getirilýär. Hünärleriň şertli belgileri 6 belgiden ybarat bolmalydyr, olaryň 4-si hünärleri kesgitleýär, indiki 2-si bolsa ýöriteleşdirilen hünärleri kesgitleýär.

"Kabul edileni,hemmesi" diýen 1-nji sütüniň maglumatlary eger-de olaryň sanyna okuwyna täzeden dikeldilenler goşulan bolsa, I-nji kursyň talyplarynyň sanyndan köp bolup biler ýa-da oktýabr aýynyň 1-ine çenli täze kabul edilenlerden okuw mekdeplerinden çykarylman bolsa onda 1-nji kursuň talyplarynyň sanyndan az bolup biler. Şeýle-de 1-nji sütüniň 01-nji setiri 4-nji bölümiň 1-nji sütüniň 02-nji setirine deň bolmalydyr.

Bellenilen nusgadaky diplomy alanlar hakyndaky maglumatlar ýokary okuw mekdebini tamamlanlaryň sanyna goşulýar (1-nji bölüm 13-nji sütün 01-nji setir). Nazaryýet okuw kursuny gutarandygy baradaky şahadatnamany alan talyplar, ýokary okuw jaýyny tamamlan talyplaryň sanyna goşulmaýar. Nazaryýet okuw kursuny geçen ýyllarda tamamlan we hasabat ýylynda döwlet synaglaryny tabşyran talyplar okuw mekdebini tamamlanlaryň umumy sanyna goşulýar.

Göz öňünde tutulan uçurumlaryň sany hakyndaky maglumatlar hasabat döwründäki (şol okuw ýylynyň oktýabr aýynyň 1-den sentýabr aýynyň 30-yna çenli) uçurumlaryň garaşylýan sanyna goşulýar.

## 2 BÖLÜM.
## TALYPLARYŇ ÝAŞY BOÝUNÇA PAÝLANYLYŞY (OKUW ÝYLYNYŇ BAŞYNA ÝAŞY DOLANLAR)

"Talyplaryň ýaşy boýunça paýlanylyşy (okuw ýylynyň başyna ýaşy dolanlar)" diýen 2-nji bölümde 01-nji setirde talyplaryň umumy sany (1-nji bölümiň 10-njy we 11-nji sütünleriniň 01-nji setiri) we ýaşy boýunça bölünýär.

## 3 BÖLÜM.
## ALÝAN TALYP HAKLARYNYŇ GÖRNÜŞI BOÝUNÇA TALYPLARYŇ SANYNYŇ WE TALYP HAKY GAZNANYŇ PAÝLANYLYŞY

“Alýan talyp haklarynyň görnüşi boýunça talyplaryň sanynyň we talyp haky gaznanyň paýlanylyşy” diýen 3-nji bölümde 1-nji bölümiň 10-njy sütüniň 01-nji setirinde görkezilen talyplar alýan talyp haklary görnüşleri boýunça 1-nji sütüniň 02-nji – 06-njy setirleri esasynda bölünýärler. 2-nji sütüniň şol setirlerinde bolsa, berilmeli talyp haklarynyň jemi görkezilýär. 01-nji setir 1-nji we 2-nji sütünlerdäki 02-nji – 06-njy setirleriň jemine deň bolmaly.

## 4 BÖLÜM.
## KABUL EDILIŞINIŇ NETIJELERI

“Kabul edilişiniň netijeleri” diýen 4-nji bölümde giriş synaglaryna gatnaşanlaryň umumy sany (01-nji setir) şeýle-de, bilim edarasyna kabul edilenleriň umumy sany (02-nji setir) barada maglumatlar berilýär.

## 5 BÖLÜM.
## WEZIPE SANAWYNDAKY IŞGÄRLER

“Wezipe sanawyndaky işgärler” diýen 5-nji bölümde ýokary bilim edarasynda doly stawkada we meýilnamada göz önünde tutulan mukdarda mugallymçylyk wezipesini ýerine ýetirýän ähli professor-mugallymlar barada maglumatlar berilýär. Ondan başga-da esasy iş ýerinden daşary mugallymçylyk edýän mugallymlar baradaky maglumatlar aýratyn bölünip görkezilýär. Şu bölümde 0,5 we 0,25 iş hakyna esasy işgär bolup işleýän mugallymlar hem hasaba alynýar. Şu bölümde fiziki şahslaryň sany görkezilýär.

01-nji setirde edaranyň sanyndaky işgärleriň umumy sany görkezilýär, soňra 02-nji – 11-nji setirler boýunça işgärleriň kategoriýasy we eýeleýän wezipeleri boýunça bölünişi görkezilýär. 01-nji setiriň maglumatlary 02-nji – 05-nji setirleriň jemine deň bolmaly, 6-njy setir 07-nji – 8-nji setirleriň maglumatlaryň jemine deň bolmaly, 9-njy setirleriň 10-njy – 11-nji setirleriň maglumatlary jemine deň bolmaly.

02-nji setirde ýolbaşçy işgärleriň sany görkezilýär. Muňa (rektor, prorektor, DHM-niň başlygy, ýuriskonsultant, bölümleriň başlyklary we müdürleri, ähli atlardaky hasapçylar şol sanda kassirler, kanselýariýalaryň müdiri, arhiwiň müdiri.

03-nji setirde pedagog işgärleri görkezilýär. Bu kategoriýa ähli professor-mugallymlar düzümi, instruktorlar we trener-mugallymlar girýär.

04-nji setirde okuw–kömekçi işgärler görkezilýär. Bu kategoriýa okuw usulýet işiniň hünärmenleri, önümçilik iş tejribesi boýunça ýolbaşçylar, laborant, kitaphanaçy, arhiwarius we beýlekiler girýär.

05-nji setirde beýleki işgärler görkezilýär. Edaranyň hyzmat ediş işgärlerine desgalaryň abatlaýyş işçiler, elektrikleri bejeriji, agaç ussasy, slesar, howly süpüriji, garawul, gulluk jaýlaryny süpüriji, bagban, sürüji, komendant, kastelýanşa, pasport işlerini alyp baryjy, iş dolandyryjy (kätip-çap ediji) we beýlekiler degişli.

06-njy we 09-njy setirlerde 3-nji we 5-nji sütünlerde professor-mugallymlar ylmy-pedagogik alymlyk derejesini hasaba almak bilen bölünýärler.

Sagatlaýyn zähmet haky bilen işleýän mugallymlar şu bölümde hasaba alynmaýar.

## 6 BÖLÜM.
## SEBITLERDEN WE DAŞARY ÝURTLARDAN OKUWA GELEN TALYPLARYŇ SANY

“Sebitlerden we daşary ýurtlardan okuwa gelen talyplaryň sany” diýen 6-njy bölümde şu ýokary hünär bilimi edaranyň talyplary (1-nji bölümiň 10-njy süt. 01-nji setir) sebitler boýunça bölünýär we daşary ýurtlardan okuwa gelen talyplaryň sany görkezilýär.

## 7 BÖLÜM.
## OKUW-LABORATORIÝA JAÝLARYNYŇ WE UMUMY ÝAŞAÝYŞ JAÝLARYNYŇ BAR BOLANY WE ULANYLYŞY

"Okuw-laboratoriýa jaýlaryň we umumy ýaşaýyş jaýlarynyň bar bolany we ulanylyşy" diýen 7-nji bölüm özbaşdak okuw-jaýlary tarapyndan doldyrylýar. l-nji sütüniň 01-nji – 03-nji setirlerinde aýratyn duran korpuslar we jaýlar görkezilmelidir.

Jaýlaryň meýdany baradaky maglumatlar bitewi sanlarda inedördül metrlerde berilýär. Umumy meýdanyna (2-nji sütün) okuw korpuslarynyň, umumy ýaşaýyş jaýlarynyň, mugallymlar üçin niýetlenen ýaşaýyş jaýlarynyň, kömekçi we beýleki hususy hem-de kärendesine alnan jaýlaryň meýdany girýär.

Okuw meýdanyna (5-nji sütün) okuw geçirilýän jaýlaryň auditoriýalaryň, okuw laboratoriýalaryň, kabinetleriň, çyzuw zallarynyň, kurs we diplom işieriniň taslamalarynyň işlenilýän zallaryň, okuw ussahanalarynyň, okuw enjamlarynyň saklanylýan otaglaryň, görkezme zallarynyň, sport desgalarynyň meýdany girýär.

Okuw-komekçi meýdanlaryna (6-njy sütün) okuw işine ýardam berýän okuw mekdepleriň kömekçi meýdanlary, kitaphananyň jaýy (okalga zallary, kitaplar saklanýan jaýlar), işgärleriň dynç alyş otaglarynyň, arhiwleriň, ylmy-barlag işleri geçirilýän meýdanlaryň, kompýuter zallaryň, mejlis zalynyň, ammarlaryň we başgalaryň meýdany girýär.

Okuw jaýynyň dolandyryş meýdanynda (7-nji sütün) mugallymlar otaglarynyň, kafedra müdirleriniň käbinetleriniň, dolandyryş jaýlarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň jaýlarynyň meýdany girýär.

Kömekçi jaýlaryň meýdanyna (8-nji setir) naharhanalaryň, bufetleriň, aşhananyň, egin-eşik çykarylýan ýerleriň, geçelgeleriň, sapak geçilýän otaglaryň, hojalyk jaýlarynyň, medpunktlaryň, tehniki we sanitar tehniki işlere niýetlenen jaýlaryň (nasos stansiýalar, ýyladyş desgalar, we ş.m.) meýdany girýär.

09-njy sütünde umumy meýdandan aýratyn ýaşaýyş meýdany görkezilýär, 10-njy sütünde umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşaýan talyplar sany barada maglumatlar berilýär, 11-nji sütünde – umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşaýanlar barada, 12-nji sütünde – umumy ýaşaýyş jaýyndaky orunlaryň sany görkezilýär.

**Maglumat üçin:** 01-nji – 05-nji setirler boýunça lingafon, interaktiw-multimedia, kompýuter enjamlary bilen üpjün edilen okuw otaglarynyň sany görkezilýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**